Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2022-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna**
**на 1 марта 2022 года**

Aşgabat 2022

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

MAGLUMAT HOWPSUZLYGYŇ WE KIBERHOWPSUZLYGYŇ ÄHMIÝETI
3

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE
SANLY BANK AMALLARYNYŇ ÄHMIÝETI
5

YLMY TEJRIBELER ÖNÜMÇILIGE ORNAŞDYRYLÝAR
8

TARYHY ÖZGERTMELER BILEN AÝAKDAŞ ÖSÜŞLER
11

MILLI YKDYSADYÝETIMIZDE
HASAPLAR ULGAMYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI
14

BANK ULGAMYNDA SANLY YKDYSADYÝETIŇ ÖSÜŞI
16

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
18

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
20

# Maglumat howpsuzlygyň we kiberhowpsuzlygyň ähmiýeti

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, müşderilere internet ulgamynyň üsti bilen menzilara bank hyzmatlaryny hödürlemek boýunça karz edaralary tarapyndan yzygiderli işler alnyp barylyp, müşderilere sanly ulgam arkaly hödürlenýär. Elbetde, sanly ulgam köp işleri ýeňilleşdirýär, ýerine ýetirilýän amallary tizleşdirýär we wagty tygşytlaýar. Şol bir wagtyň özünde sanly ulgamdan peýdalanylanda maglumat howpsuzlygyny we kiberhowpsuzlygy berjaý etmek esasy şert bolup durýar.

Sanly ykdysadyýetiň ösmegi bilen maglumat howpsuzlygy we kiberhowpsuzlyk häzirki döwürde dünýä ýüzünde iň wajyp meseleleriň biri hasaplanýar.

«Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna görä kiberhowpsuzlyk kiber giňişliginiň düzümine degişli ähli bölekleriniň iň ýokary derejede ýaramaz netijelere getirip biljek howplardan we täsirlerden goralmagyny üpjün etmek şertleriniň jemine aýdylýar. Sözüň manysyndan belli bolşy ýaly, kiber giňişliginiň düzümindäki ähli bölekleri ýagny, ulgamlary, tehnologiýalary, kompýuterleri, enjamlary hem-de raýatlary bolup biljek howplardan we täsirlerden goramak işlerine aýdylýar. Umuman aýdanymyzda maglumat howpsuzlygy maglumatlaryň goraglylygyna aýdylýan bolsa, kiberhowpsuzlyk şol maglumatlaryň ýerleşen sanly ulgamynyň goramaklygyny aňladýar. Şol sebäpli hem olar biri-biri bilen utgaşykly üpjün edilmeli.



Biziň ýurdumyzda hem bu ugurlar boýunça degişli işler alnyp barylýar. Muňa mysal edip, degişli kanunçylyk namalarynyň kabul edilmegini, tejribeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyny, okuw sapaklarynyň meýilnamalaryna aýratyn ders hökmünde goşulmagyny, edara-kärhanalara döwrebap tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny, täze hünärleriň hem-de iş orunlaryň açylmagyny, ilatyň arasynda düşündiriş we wagyz işleriň yzygiderli tertipde geçirilmegini bellemek bolar.

Müşderilere banklar tarapyndan menzilara hödürlenýän hyzmatlaryň biri hem «Internet-bank» hyzmaty bolup durýar. «Internet-bank» hyzmatyndan peýdalanylanda ulanyjylar tarapyndan maglumat howpsuzlygy we kiberhowpsuzlyk düzgünleriniň berjaý edilmegi maslahat berilýär.

Olara aşakdakylar degişlidir:

1. «Internet-bank» ulgamynyň web sahypasyna öz şahsy kompýuteriňizden girmeli, keseki kompýuterlerden peýdalanmak maslahat berilmeýär. Sebäbi, siziň şahsy gizlin belgiňiz web brauzeriň ýadynda galmagy mümkin, bu bolsa özge ulanyjylar tarapyndan siziň «Internet-bank» hasabyňyzyň elýeterli bolmagyna mümkinçilik döreder.

2. Kompýuteriňizde antiwirus programma üpjünçiligi gurnalan bolmaly we onuň maglumatlar binýady täzelenen bolmaly. Adyndan belli bolşy ýaly, «Internet-bank» web sahypasy internet ulgamynda ýerleşýär, şol sebäpli kompýuteriňiz elmydama goragly saklanylmagy maslahat berilýär.

3. «Internet-bank» web sahypasynyň kömegi bilen şahsy otagyňyza girmezden ozal, web brauzerde degişli bankyň web saýtynyň adynyň dogry ýazylyşyna hem-de onuň goraglylygyna üns bermeli. Eger nädogry web saýtda ulanyjy ady we şahsy gizlin belgisi girizilse, bu maglumatlar keseki taraplara aýan bolup biler. Web sahypasynyň goraglylygyny onuň brauzerdäki salgysynyň çepinde ýerleşýän ýaşyl gulpjagazyň ýerleşdirilmegi, «https» (http secured) ýazgysynyň bolmagy arkaly kesgitläp bolar. Ýaşyl gulpjagaz hem-de «https» ýazgysy şol sahypada «SSL» (Secure Sockets Layer) gorag sertifikatynyň bardygyny we müşderi bilen bank arasynda maglumatlaryň gizlin görnüşde (şifrlenip) geçýändigini aňladýar. Eger web sahypa goragly bolmasa, öz şahsy otagyňyza girmek maslahat berilmeýär.

4. «Internet-bank»-da hasabyňyzyň gizlin belgisi çylşyrymly bolmaly. Gizlin belginiň çylşyrymly bolmagy öz gezeginde hasabyňyza goşmaça gorag döreder.

5. «Internet-bank» ulgamyna girmek üçin ulanylýan ulanyjy ady we şahsy gizlin belgisi brauzeriň ýadynda we kompýuterde faýl hökmünde ýatda saklanylmaly däl, olar gizlin ýerde saklanylmaly.

6. «Internet-bank» hyzmatyndan peýdalanyp bolanyňyzdan soňra, şahsy hasabyňyzdan «Çykmak» düwmesini ulanmak arkaly hökman çykmaly.

7. Ykjam telefonyňyzy keseki adamlara bermäň, sebäbi «Internet-bank» hyzmatynyň üsti bilen ýerine ýetirilýän amallaryň ählisi size gelýän SMS habar arkaly tassyklanylýar. Zerurlyk ýüze çyksa telefonyňyza gorag koduny goýmaly.

Şu sanalyp geçilen maslahatlaryň ýerine ýetirilmegi «Internet-bank» hyzmaty ulanylanda hasabyňyzyň goragly saklanylmagyna, maglumat howpsuzlygynyň we kiberhowpsuzlygyň üpjün edilmegine ýardam berer.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýaşamaga, işlemäge we döretmäge uly mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimize köp sag bolsun aýdýarys. Goý onuň jany sag, ömri uzak, alyp barýan döwlet ähmiýetli, adamzat bähbitli işleri rowaç alsyn!

**Ata MAHMUDOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Kibergorag merkeziniň
Maglumat gözegçilik bölüminiň başlygy

# Durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekde sanly bank amallarynyň ähmiýeti

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda amala aşyrylýan il-ýurt bähbitli özgertmeler, ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmäge we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Milli bank ulgamynda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň esasy maksady, bank işiniň hukuk binýadyny döwrebap berkitmekden, häzirki zaman innowasion tehnologiýalary ornaşdyryp, müşderilere hödürlenýän bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmekden, olaryň hilini gowlandyrmakdan hem-de bu ugurda döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kadalaşdyryjy hukuk namalary halkara standartlary bilen sazlaşdyrmak boýunça degişli işleriň geçirilmegi dowam etdirilýär, bank ulgamynyň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin olaryň maddy-üpjünçilik binýady yzygiderli täzelenilýär, bank hyzmatlarynyň görnüşleri köpugurly artdyrylýar hem-de olaryň hili günsaýyn ýokarlandyrylýar. Aýratyn-da, sanly ulgam boýunça ýerine ýetirilýän bank amallarynyň gerimini giňeltmek we ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak ugrunda netijeli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň pul-karz syýasatyny kämilleşdirmek we milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek boýunça alnyp barylýan syýasatyň çäginde, döwletimiz tarapyndan dürli maliýe gurallaryny peýdalanyp, özünde innowasion tehnologiýalary jemleýän, importuň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümleri öndürmäge ukyply bolan maýa goýum taslamalaryny ýeňilleşdirilen şertlerde karzlaşdyrmaga we beýleki ýeňillikleri bermäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini üpjün etmekde bank hyzmatlarynyň görnüşlerini öňdebaryjy halkara tejribesinden ugur alyp köpugurly ösdürmek, olaryň hilini ýokarlandyrmak we öňdebaryjy tejribäni, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler geljegi uly bolan ugurlaryň hatarynda kesgitlenilýär. Şunuň bilen baglylykda bank ulgamynyň durnukly ösdürilmegi möhüm şertleriň biri bolup, milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek, döwletimiziň dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň ählumumy ulgamyna üstünlikli goşulyşmagy üçin zerurdyr.

Ýurdumyzyň karz edaralarynyň işini kämilleşdirmek boýunça maksatnamalaýyn alnyp barylýan işleriň çäklerinde, banklar tarapyndan müşderilere hödürlenýän hyzmatlaryň elýeterliligini, töleg ulgamynyň netijeliligini, ygtybarlylygyny we goraglylygyny üpjün etmek hem-de ýerli we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça toplumlaýyn çäreler durmuşa geçirilýär.



Bank ulgamynyň işini döwrebap ösdürmek üçin halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk has-da işjeňleşdirilýär, dünýä meşhur bolan daşary ýurt kompaniýalarynyň maýa goýumlary çekilip, olary önümçilik we hyzmat ulgamyny hem-de infrastrukturany ösdürmek bilen baglanşykly taslamalara özara bähbitli şertlerde ýerleşdirilýär. Bulardan başga-da maýa goýum taslamalaryny işjeňleşdirmek we

raýatlaryň maşgala girdejilerini artdyrmak maksady bilen ýurdumyzyň ilatynyň erkin pul serişdelerini bank goýumlaryna dürli şertlerde çekmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň bank ulgamyna sanly bank önümleri giňden ornaşdyrylýar, elektron töleg ulgamy kämilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň banklarynyň iş tejribesinden ugur alyp kämilleşdirmek, pul-karz syýasatyna oňyn täsir etmek maksady bilen bazarlarda müşderileriň bank hyzmatlaryna bolan isleglerini we tekliplerini yzygiderli öwrenmek hem-de kanagatlandyrmak, maliýe bazaryny döwrebap ösdürmek we beýleki ugurlar babatda köpugurly işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki zaman innowasion ösüşiniň önümi bolan sanly tehnologiýalaryň bank ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy, öz gezeginde karz edaralarynyň işini kämilleşdirmäge we müşderiler bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmäge oňyn şert döredýär.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyk ulgamyny ösdürmegiň barşynda, milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylmagy, öz gezeginde ilatyň maliýe sowatlylygyny artdyrmaga hem özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Çünki, sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň önümi bolan sanly bank hyzmatlarynyň ýurdumyzyň karz edaralarynda giňden ornaşdyrylmagy, müşderleriniň özbaşdak pikirlenmegini has-da ukyplandyrýar. Şunda, aýratyn-da ýurdumyzyň ýaşlarynyň ykdysady bilimleri öwrenmäge we sanly ulgama çalt uýgunlaşmaga bolan ukybynyň öňe çykýandygy guwandyryjy ýagdaý bolup, geljekde olaryň alan bilimlerini uzak möhlete esaslanýan iş tejribelerinde peýdalanmaga möhüm şert döredýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzda «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bank ulgamynyň işini ösdürmek boýunça göz öňünde tutulan işleri durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylan çäreleriň barşynda, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, pul dolanşygyny tizleşdirmek we onuň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «QR-kod» ulgamlaryndan giňden peýdalanyp amallaryň ýerine ýetirilmegi, bazar gatnaşyklary şertlerinde ilatyň artýan isleglerini kanagatlandyrmakda möhüm orun eýeleýändigi bellenmäge mynasypdyr.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderileriň bank hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge hem-de çaltlaşdyrmaga, geçirilýän amallar baradaky maglumatlary gözegçilikde saklamaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga amatly mümkinçilik döredýär. Bu ulgamlaryň karz edaralarynda netijeli ornaşdyrylmagy müşderi-bank gatnaşyklary kämilleşdirmäge amatly mümkinçilik döredýär.




Ýurdumyzyň bank ulgamy bilen bir hatarda ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna täze häzirki zaman sanly innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, bank kartlaryndan peýdalanyjylara hakyky wagt tertibinde «Internet bank», «Mobil-bank» we «Elektron-söwda» ulgamlaryndan peýdalanyp, hasaplaşyklary

geçirmäge şert döretdi. Şunuň bilen baglylykda, karz edaralar tarapyndan «Türkmenhowaýollary», «Türkmendemirýollary» hem-de «Türkmenawtoulaglary» agentlikleri bilen bilelikde geçirilen işleriň netijesinde, ýurdumyzyň ilatyna bank kartlaryndan peýdalanyp, demir ýollary, howa ýollary we şäherara ugurlarda gatnaýan awtobuslaryň peteklerini we beýleki tölegleri internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşde satyn almak mümkinçiligi döredildi.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ilata uzak aralykdan bank kart hasaplaryny açmak, olary täzeden çap etmek boýunça arzalaryny elektron görnüşinde resmileşdirmek we raýatlaryň «Altyn asyr» bank kartyndan peýdalanyp, tölegleri gije-gündiziň dowamynda amala aşyrmaklygy ýola goýuldy. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň karz almaga isleg bildirýän raýatlarynyň ýüztutmalaryny banklarda onlaýn usulda kabul etmek we resmileşdirmek hem-de müşderä şol ýüztutmalarynyň ýagdaýy barada menzilara habar bermek hyzmatynyň kämilleşdirilen görnüşi bolan «onlaýn-kabulhana» hyzmaty hem döredildi.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda döwrebap bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek boýunça alnyp barylýan işler barada gürrüň edilende, şol hyzmatlaryň içinde «Owerdraft karzynyň» ilatyň durmuş zerurlyklary bilen baglanşykly islegini kanagatlandyrmakda möhüm orny eýeleýändigini görkezmek bolar.

«Owerdraft karzynyň» amatlyklary barada aýdylanda, raýatlar tarapyndan «Altyn asyr» bank kartyny peýdalanylyp, sanly ulgam boýunça nagt däl hasaplaşyklar geçirilen pursatynda, müşderiniň bank kart hasabyndaky bar bolan pul serişdeleriň galyndysy tölegleri doly geçirmäge ýeterlik bolmasa, onda şol raýat bank bilen baglaşylan karz şertnama laýyklykda, «Owerdraft karty» hasabyndaky pul serişdelerine kesgitlenen çäkde tölegiň ýetmedik bölegini awtomatik usulda gysga möhletleýin karz serişdesiniň hasabyna amala aşyrmaga mümkinçilik gazanýar. Şunda müşderiniň aýlyk zähmet haky «Altyn asyr» ýa-da «Millikart» bank kart hasaplaryna gelip gowşanda, alan karzyny we oňa hasaplanan göterimleri yzyna gaýtarylmaklygy göz öňünde tutulýar. Şeýle hem, karz şertnamasynyň hereket edýän döwründe müşderi tarapyndan karzy gaýtarylandan soň hem bank bilen goşmaça şertnama baglaşmazdan «Owerdraft karty» hasabyny awtomatik usulda dikeldip, karz şertnamasynyň hereket edýän döwründe karzy ýene-de ulanmaga rugsat berilýär.

«Owerdraft karzynyň» ilatyň durmuş isleglerini kanagatlandyrmakdaky ähmiýetiniň ýokarydygy sebäpli, bank hyzmatynyň bu görnüşinden peýdalanýanmaga isleg bildirýän müşderileriň sany günsaýyn artýar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde karz edaralarynda döwrebap sanly bank hyzmatlarynyň ornaşdyrylmagy alyjylaryň we satyjylaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge we söwda hem-de hyzmat ulgamlarynda bäsdeşligi ýokarlandyrmaga, müşderilere hödürlenýän sanly hyzmatlaryň gerimini giňeltmäge we olaryň hilini ýokarlanmaga mümkinçilik berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan döwrebap sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Annadurdy MELÄÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň mugallymy

# Ylmy tejribeler önümçilige ornaşdyrylýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ýokary tehniki we tehnologiki üpjünçiligi bolan önümçiligi ýola goýmak boýunça ägirt uly öňegidişler amala aşyrylýar.

Muňa şaýatlyk edip, Mary welaýatynyň çäginde hereket edýän kiçi we orta telekeçilige degişli bolan birnäçe kärhanalar we telekeçiler dünýäniň ösen döwletleriniň iň kämil innowasion tehnikalaryny önümçilige ornaşdyryp, dünýä ülňülerine gabat gelýän senagat, oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmekde ýokary netijeleri gazanyp diňe bir ýurdumyzyň içerki bazarlaryny däl, eýsem daşary ýurt döwletleriniň bazarlarynda hem bäsleşikli orunlary eýeläp başladylar. Mysal hökmünde «Türkmeniň rysgaly» hojalyk kärhanasynyň çagalaryň dürli görnüşli arlyklaryny we çygly elçalgyçlaryny öndürmek, «Ak Hünji» hojalyk kärhanasynyň sendwiç panel gurluşyk materiallaryny we penopolisterol önümlerini, «Gündogar ýoly» hojalyk kärhanasynyň karton gaplaryny we polietilen plýonkalara gaplanan önümlerini, «Röwşen» hojalyk kärhanasynyň aýakgap önümlerini, Maksat-deri» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň gön we gön önümlerini, «Mähriban obam» hojalyk kärhanasynyň kerpiç we azbestsement şiferlerini, «Gök derek» hojalyk jemgyýetiniň agajy gaýtadan işlemek taýýarlanan mebel önümlerini, «Belent senetçi» hususy kärhanasynyň demir metaldan taýýarlanan gapy we derweze önümlerini, «Lälezar Zaman» hojalyk kärhanasynyň polimer listler, plasmas reýkalarynyň birnäçe görnüşlerini, «Şatumar» kärhanasynyň hojalyk ýuwujy serişdelerini öndürýän önümlerini we başga-da birnäçe kärhanalardyr-telekeçileriň önümlerini görkezmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda geçirýän ykdysady özgertmeleriniň çäklerinde oba hojalyk pudagyny ösdürmeklige hem aýratyn üns berilýär. Önüm öndürijileri döwlet tarapyndan goldamak, olara oňaýly şertleri döredip bermek maksady bilen birnäçe kararlary kabul edilip durmuşa geçirilýär.

«Oba hojalyk maksatly ýörite ýer gaznasynyň möçberini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýurdumyzda ýer we suw serişdelerini netijeli peýdalanmak hem-de oba hojalygyna hususy önüm öndürijileri çekmek maksady bilen, oba hojalyk maksatly ýörüte ýer gaznasynyň möçberini tassyklap, önüm öndürijilere ýer böleklerini uzak möhletleýin ýagny 99 ýyllyk peýdalanmaga bermeli edilen.

Mundan başgada oba hojalyk pudagynda geçirilýän özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, oba hojalyk pudagyny ösdürmekde telekeçiligiň ornuny has-da artdyrmak we pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak maksady bilen kabul edilen Karara laýyklykda oba hojalyk tehnikalaryny öndürmekde dünýä belli «John Deere Walldorf GmbH & Co.KG» kompaniýasyndan satyn alynýan oba hojalyk tehnikalarynyň we enjamlarynyň bahasyny maliýeleşdirmek üçin ýurdumyzyň bank ulgamynda ýeňillikli görnüşde, uzak möhletleýin daşary ýurt walýutasynda karzlary bermekligi ýola goýulan. Mysal üçin häzirki wagtda welaýatyň banklarynda birnäçe oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan önüm öndürijilere 8 224 müň manat möçberde karz berilip, John Deere traktorlarynyň dürli kysymlaryndan 23 sanysyny, John Deere däne ýygýan kombaýn 2 sany, 10 sany 5-korpusly ýer süriji azal, 5 sany ýertekizleýji enjam we başgada birnäçe görnüşli oba hojalyk tehnikalaryny we enjamlaryny getirilip ulanylşa goýberildi. Bularyň ählisi önüm öndürijileriň diňe bir maddy-tehniki üpjünçiligini gowulandyrmak bilen çäklenmän olary ýokary öndürijilikli zähmete höwesini artdyrýar.Oba hojalyk ekin-

leriniň hasyllylygyny we hil derejesini ýokarlandyrmak önüm öndürijiniň öňünde durýan ilkinji meseleleriň biri bolup durýar.

Häzirki wagtda dünýä tejribelerine salgylanyp ekinleriň görnüşlerine baglylykda olary damjalaýyn ýa-da emeli ýagyş ýagdyrmak, suwy jybarladyp suwarmak usullaryna geçilýär. Munuň özi dünýä ekologiýasynda howanyň derejesiniň üýtgemegi bilen baglylykda suw serişdelerini rejeleli we netijeli ulanmaklyk meselesi bilen hem bagly bolup durýar.

Oba hojalyk ekinlerini suwarmagyň damjalaýyn usuly, suwy gerekli möçberde we gerekli wagtynda gönimel ekiniň köküne barmaklygyny üpjün edýär. Şonuň üçin hem her-bir düýp ekin özüniň ösüş döwründe we hasyla durýan wagtynda zerur bolan suwy we oňa garylan mineral dökünleri gerek möçberde alyp bilýär. Bu bolsa önüm öndürmeklikde diňe bir suwy tygşytlamak bilen çäklenmän, oňa berilýän dököniň, azabyň, şeýle hem ösümligi dürli görnüşli kesellerden goramagyň serişdelerini hem tygşytlaýar.

Bulardan başga-da suwaryşyň damjalaýyn usulynyň artykmaçlygy, ekologiýa arassaçylygyna, topragyň zeýlemezligine, ekinleriň dürli keselleriniň we zyýan beriji haşal otlaryň ýaýramazlygyna şeýle hem hasylyň ir ýetişmekligine oňyn täsirini ýetirýär. Emma bu görnüşli toplumlaýyn tehniki-guramaçylyk çäräni ýola goýmaklyk birnäçe wagty we maýa goýumyny talap edýär. Şonuň üçin hem dünýä tejribelerinden ugur alyp, ýerli şertlerimiziň aýratynlyklaryny göz öňüne tutup, ýagny howa şertlerini, ýeriň ýerleýiş şertini, alynjak suwyň çeşmelerini nazara almak bilen ekin ekiljek ýeriň dowamlylygyna görä damjalaýyn suwaryş ulgamyny möwsümleýin ýa-da uzak möhletleýin gurnalanda öz netijesini berýär. Damjalaýyn suwaryş ulgamy diňe bir gök-bakja ekinlerinde ulanylman, ony miweli baglary suwarmakda hem giňden ulanylýar.





Oba hojalyk ekinleriniň bugdaý, arpa, mekgejowen we şuňa meňzeş görnüşlerini suwarmaklykda emeli ýagyş ýagdyrmak, suwy jybarladyp suwarmak usullary has netijeliligi bilen tapawutlanýar. Adatça giň meýdanlarda hatar aralary bolmadyk ekinleri ösdürip ýetişdirmek üçin emeli ýagyş usulynda suwarmaklygy ulanylanda el zähmeti az talap edilýär, çykdajylar az edilýär we ýygy-ýygydan suwarmaklyk mümkinjiligi bolýar. Jybarladyp suwarmaklyk howanyň salkyn wagty, ir bilen ýa-da agşamara geçirilýär.

Ekinleri suwarmaklygyň bu görnüşi hasyllylygy 2-3 essä çenli ýokarlandyrmak mümkinçiligini döredýär we gurakçylykdan goraýar. Şeýle döwrebap ösen tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak işleri biziň ýurdumyzda hem tapgyrlaýyn alnyp barylýar. Ilaty gök-bakja we miwe önümleri bilen üpjün etmek maksady bilen, welaýatymyzyň çäginde jemi 34 sany ýyladyşhanalaryň gurluşygy meýilleşdirlip, olaryň 10 sanysynda gurluşyk işleri tamamlanyp ulanylyşa berlen. Döwrebap ýyladyşhanalary daşary ýurt döwletleriniň ösen kämil tehnologiýalary esasynda gurnalyp, suwaryşyň damjalaýyn usulynda alnyp barylýar. Welaýatyň oba hojalyk pudagynda ekinleri açyk meýdanlarda ösdürip ýetişdirmek üçin suwaryşyň damjalaýyn hem-de emeli ýagyş ýa-da jybarlatmak usullaryna tapgyrlaýyn geçirilýär. Bu bähbitli işlerde welaýatymyzyň karz edaralary hem çetde durmaýarlar.

Daşary ýurtlaryň kämil innowasion tehnikalaryny satyn alyp önümçilige girizmeklik üçin

bank karzlary berilýär. Mysal üçin «Toprak kuwwady» daýhan hojalygyna welaýatymyzyň Mary etrabynyň çägindäki 906,6 ga ýer böleginde ösdürlip ýetişdirilýän oba hojalyk önümleriniň görnüşlerini köpeltmek, hasyllylygyny ýokarlandyrmak we hilini gowulandyrmak maksady bilen «ZUMMATIK» kysymly, uzynlygy 375 metrden ybarat bolan emeli ýagyş usulynda suwarylýan ulgamyň toplumyny satyn almak üçin «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň «Rysgally Mary» şahamçasynda uzak möhletleýin karz pul serişdesi berildi we häzirki wagtda bu toplumy daýhan hojalygynyň ekin ýerinde gurnalyp işe girizildi.

Ýurdumyzyň bank ulgamynda önüm öndürujilere maliýe goldawyny bermek maksady bilen uzak möhletli karz pul serişdeleriniň dürli görnüşlerini berilýär. Karz edaralarynda berilýän karz pullaryň amatly we elýeterli bolmagyny gazanmak maksady bilen täze düzgünnamalary kabul edilýär. Mysal hökmünde «Türkmenistanyň döwlet karz-edaralarynyň ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga başlaýan fiziki şahslara-hususy telekeçilere karzlary bermegiň tertibine» laýyklykda uzak möhletleýin, 7 ýyla çenli möhlet bilen, 2 ýyla çenli ýeňillikli döwre ýyllyk 5% bilen, iň az aýlyk zähmet hakynyň 500 essesine çenli möçberde milli we daşary ýurt pulunda ýuridiki şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga başlaýan fiziki şahslara-hususy telekeçilere karz pul serişdelerini bermek mümkinçiligini döredildi.



Welaýatymyzyň çäginde ýerleşýän bank şahamçalarynda, öz mellek ýerinde şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara kiçi göwrümli karzlary bermeklik hem doly ýola goýulan. Welaýat boýunça 2021-nji ýylyň dowamynda jemi 2,5 müňe ýakyn raýata 61,2 million manatdan gowrak kiçi göwrümli karz serişdeleri bilen üpjün edildi, şol sanda ekerançylyk maksatly berlen karzlar 102 sany karz alyjy boýunça jemi möçberi 2,5 million manada ýetdi. Şol ýerlerde oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirýän raýatlara hem ekinleri suwarmaklygy damjalaýyn usula geçirmek maksady bilen, kiçi göwrümli ýerlere niýetlenen suwarmaklygyň damjalaýyn usulyny raýatlarymyza elýeter bahadan amatly şertlerde satyn almaga mümkinçilikler döredilse, suw serişdelerini tygşytlamakda, ony rejeli ulanmakda, ýerden alynýan hasylyň möçberini has-da artdyrmakda alnyp barylýan işlere uly ýardam bererdi.

Halkymyza erkin zähmet çekmäge, döretmäge we öndürmäge çäksiz mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, Belent Başy aman bolsun. Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan beýik işleri elmydama rowaç alsyn!

**Balkan ÇARYÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Mary welaýat şahamçasynyň Ykdysady
seljeriş we jemleýiş bölüminiň başlygy

# Taryhy özgertmeler bilen aýakdaş ösüşler

Türkmenistan häzirki taryhy döwürde dünýä jemgyýetçiliginiň ähli ugurlar babatdaky ösüşine laýyk gelýän özgertmeleri tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň milli ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda dünýä tejribesini özleşdirmek bilen, raýatlara döredilýän şertlerde döwrebaplyk ýörelgelerinden ugur alynýar. Ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüşiň çäklerinde mundan beýläk hem ösdürmek bilen bagly birnäçe döwlet maksatnamalary, meýilnamalar durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalaýyn işleriň çygrynda ýurduň maliýe-bank ulgamynyň hem özboluşly ähmiýete eýe bolup durýandygyny bellemek zerur.

Milli özygtyýarlylygyny gazanmak bilen özbaşdak dolandyryş ulgamyny, şol sanda milli maliýe-bank ulgamyny döreden Türkmenistan döwletimiz asyryň sepgidinde uly ösüşlere ýetdi. Bu ösüşleriň şerti hökmünde degişli pudagyň işinde öňdebaryjy tejribä, ylmyň soňky gazananlaryna eýerip, dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulyşmagyň işjeňleşdirilmegini, ykdysadyýetiň pudaklarynyň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegini gazanmaly.

Halkara maliýe-bank ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmeginde, iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek we dolanyşyk serişdelerini üpjün etmekde hem-de raýatlara edilýän hyzmatlaryň ýeňillikli amal edilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky hem baý tejribä eýedir. Bu bankyň dünýäniň ykdysady ulgamynyň ösüşinden gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen maýa goýum syýasatyny ilerletmekde, bu babatda daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekde mynasyp tagallalaryny bellemek gerek.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky 1992-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda döredilip, «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda 30 ýyl doldy. Bank ýurdumyzyň maýa goýum syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde aýratyn orna eýe bolup, döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşdy, birnäçe möhüm halkara hyzmatdaşlyklary ýola goýdy. Häzirki wagta çenli bank halkara maliýe guramalary, daşary ýurt banklary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we beýlekiler bilen işjeň gatnaşyklar dowam etdirilýär. Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlet kärhanalary, dünýäniň öňdebaryjy daşary ýurt korporasiýalary we hususy kompaniýalar bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan hem Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Singapuryň, Birleşen Arap Emirliginiň, Saud Arabystan Patyşalygynyň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy.

Häzirki wagtda bank dünýäniň 20 ýurdunyň 50-den gowrak daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlyk saklaýar. Bu bolsa halkara hasaplaşyklaryny we müşderileriň sargytlary boýunça töleglerini çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Bank halkara banklary we ösüş gaznalary bilen hyzmatdaşlyk pudagynda, Yslam Ösüş banky, Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş banky, Nebiti eksport ediji döwletleriň guramasy tarapyndan esaslandyrylan OPEC Halkara ösüş gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Türkmenistanyň hökümetiniň adyndan 1994-nji ýylyň 13-nji sentýabryndan bäri Yslam Ösüş Bankynyň agzasy, 2001-nji ýylyň 20-nji oktýabryndan bäri Hususy Pudagy Ösdürmek boýunça Yslam Korporasiýasynyň agzasy, 2019-njy ýylyň 14-nji aprelinden bäri Maýa Goýumlary we Eksport Karzlary Ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam Korporasiýasynyň agzasy, şeýle-de 2021-nji ýylyň 22-nji dekabryndan bäri Söwdany Maliýeleşdirmek boýunça Halkara Yslam Korporasiýasynyň agzasy bolup çykyş edip gelýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmegi onuň ulag we ýangyç-energetika, senagat, söwda, oba hojalygy, gurluşyk we beýleki pudaklarynda we hyzmatlar ulgamynda öndürijilikli netijeleriň

günsaýyn artmagyna esaslanyp, häzirki wagtda bu ugurlar depginli ösdürilýär. Şunlukda bolsa ýurdumyzyň ykdysady ösüşi ýokary derejedäki serişde mümkinçiligi, islegleriň durnuklylygy, şeýle hem ýurdy ösdürmegiň nebit-gaz, ulag we aragatnaşyk, ýangyç-energetika ýaly ileri tutulýan ugurlara gönükdirilýän köp mukdardaky ýerli we daşary ýurt maýa goýumlary bilen üpjün edilýär.

Türkmenistanyň mümkinçilikleriniň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde daşary ýurtly maýa goýujylaryň hyzmaty uly bolup, olar ýurdumyzda köp sanly iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşýarlar. Esasan-da, olaryň degişli taslamalary maliýeleşdirmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň daşary ýurtly taraplar bilen baglaşan şertnamalary hem-de ylalaşyklary uly hyzmata eýedir. Şunuň bilen baglylykda, milli eksport-import we eksport ätiýaçlandyryş gulluklary bilen hyzmatdaşlyk babatda bank Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaýyň, Çehiýanyň, ABŞ-nyň, Türkiýäniň, Malaýziýanyň Eksimbanklary, Germaniýadaky Germes, Fransiýadaky Kofas eksport ätiýaçlandyryş kompaniýasy bilen işewürlik, hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýdy. Bu bolsa öz nobatynda milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmelerini kesgitleýär.

Diýarymyzyň dürli künjeklerinde ykdysadyýetiň möhüm pudaklaryna degişli desgalaryň taslamalarynyň amal edilmeginde bank möhüm orun eýeleýär. Bank bu babatda karz ylalaşyklarynyň baglaşylmagynda wajyp hyzmaty ýerine ýetirýär. Maliýe-bank işini alyp barmakda bankyň esasy maksady daşary ýurt maýa goýujylaryny taslamalara çekmekden ybaratdyr. Bu ugurda bolsa geçen 30 ýylyň dowamynda durmuşa geçirilen taslamalardyr degişli işler sanardan kän.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, ýagny soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalary bilen karz ylalaşyklarynyň hasabyna birnäçe giň gerimli taslamalaryň gurluşygy alnyp baryldy. Gyýanlyda polipropilen we polietilen önümçiligi boýunça zawodyň gurluşygy, Garabogazda karbamid zawody hem-de Owadandepede gazy gaýtadan işlemek we ondan benzin öndürmek boýunça senagat toplumy, şeýle-de Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlar toplumy we beýleki iri önümçilik desgalary guruldy we ýurdymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak üçin mümkinçilikler döredildi.

2018-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Germaniýanyň iri «Commerzbank AG» banky bilen ýurdumyzyň Oba we suw hojalyk ministrligi üçin Ýewropanyň (GFR, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar) önümçiligi bolan oba hojalyk tehnikalarynyň getirilmegini maliýeleşdirmek boýunça jemi bahasy 121,82 million ýewro bolan karz ylalaşygyny, 2018-nji ýylyň noýabr aýynda Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen umumy bahasy 500 million amerikan dollary bolan ylalaşyga gol çekilmegini we beýleki onlarça taslamalary we önümçilik düzümlerini bank tarapyndan ýola goýlan maýa goýum taslamalaryna deliller hökmünde görkezmek bolar.

Bulardan başga-da, daşary ýurt maýa goýujylarynyň çekilmegi bilen amal edilýän maýa goýum taslamalary ýylsaýyn artýar. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak we bu ugurda taslamalary maliýeleşdirmek üçin hem Yslam Ösüş bankynyň Hususy ulgamy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy bilen 10 million amerikan dollary möçberinde maliýe ylalaşygyna gol çekildi we bu karz serişdeleri 2020-nji ýylda doly özleşdirildi. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek babatda häzir «Türkmenistan - Owganystan -Pakistan - Hindistan» gaz geçirijisiniň ýurdumyzyň çägindäki böleginiň gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça halkara maliýe guramalary we banklary bilen degişli işler dowam etdirilýär. Bu gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çägindäki ähli gurluşyk işlerini gurnamak hem-de turbalaryň we degişli enjamlaryň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek boýunça Yslam Ösüş banky bilen degişli karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

Golaýda hem Yslam ösüş bankyndan we OPEC Halkara ösüş gaznasyndan iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük gämisini gurmak boýunça taslamalary maliýeleşdirmek üçin karz serişdelerini çekmek ylalaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, degişli ylalaşyklary baglaşmak göz öňünde tutulýar. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň 2019-njy ýylda Italiýa döwletine bolan resmi iş saparynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen Italiýanyň Adipson Ind. Srl kompaniýasynyň arasynda gol çekilen Memorandum esasynda Lebap welaýatynda buýan köküni gaýtadan işläp, ýylda 390 tonna glisirrizin turşusyny öndürýän kärhanany gurmak işlerini maliýeleşdirmek meýilleşdirilýär.

Birleşen Milletler Guramasy we «PricewaterhouseCoopers Audit S.R.L.» maslahatçy kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde ýurdumyzda ilkinji bolup, maliýe hasabatlarynyň halkara standartlarynyň «Maliýe gurallary» atly 9-njy standartynyň täze görnüşine geçdi. Bankyň «The Banker» geçiren bäsleşikleriniň netijesinde, 2020-nji ýylda 14-nji gezek «Türkmenistanyň iň gowy banky» adyna mynasyp bolandygyny hem bellemek gerek. Bu hormatly at degişli ulgamyň edaralarynyň Türkmenistanyň bank bazarynda öňdäki orunlary eýelemeginiň ykrarnamasydyr.

Ýene bir bellemeli ilkinji taslamalaryň biri hökmünde, dünýäniň ykdysady ulgamynyň tejribesine eýerýän milli maliýe-bank ulgamynyň maýa goýum syýasatynyň ösmegine itergi berjek nobatdaky işleriň hatarynda milli Liderimiziň Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň esaslandyryjysy hökmünde çykyş edýändigi bilen bagly karara gol çekmegini görkezip bileris. Täze edaranyň işiniň ýola goýulmagy maýa goýum syýasatynyň has ilerlejekdigine güwä geçýär. Bu hem öz gezeginde ýurduň netijeli ykdysady özgertmesi bolup, ähli pudaklaryň işi bilen utgaşykly sazlaşygy emele getirýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň soňky 10 ýylda gazanan netijelerine nazar salnanda, esasy görkezijileriň ösüş depgininiň ýylsaýyn artýandygyna göz ýetirmek bolýar. Şeýlelikde aktiwleriň hasabyna gelip çykýan netijeler tapawutly görkezijilere eýe bolup, 2012-nji ýylda 9 226,2 million manada deň bolan bolsa, 2021-nji ýylda 30 012,1 million manada barabar bolup takmynan 3 esse ýokarlandy. Şeýle hem bankyň karz bukjasy 2012-nji ýylda 2 940,4 million manat bolup, 2021-nji ýylda bu görkeziji 15 531,6 million manada çenli ýokarlandy.

Görkezijileriň hatarynda degişli ýyllaryň statistikasyna görä, bankyň ýerine ýetirýän hyzmatlaryndan gelýän arassa peýdanyň hem ýokary depginde artandygyny bellemek bolar. Şunda 2021-nji ýylda gazanylan 213,6 million manatlyk arassa peýdanyň 10 ýyl mundan öňki degişli netijeden, has takygy 2012-nji ýylyň netijesi boýunça gazanylan 40,4 million manatdan bäş esse töweregi ýokarydygyny görmek bolýar.

Bankyň esasy görkezijileriniň ösüş depgininde soňky ýyllar boýunça maýanyň ýyllyk hasaby barada aýdylanda, onuň 2012-nji ýylda 366,3 million manat möçberine barabar netijesi bolan bolsa, 2021-nji ýylyň netijelerine laýyklykda ol 1 545,1 million manada ýetdi.

Bankyň 30 ýyllyk taryhynda diňe daşary ýurt çekilen maýa goýumlary 153 sany bolup, onuň möçberi 12,3 milliard amerikan dollaryna (43 milliard manada) barabar boldy.

Jemläp aýtsak, taryh üçin uly bolmadyk 30 ýyllyk döwürde ýokary ykdysady kuwwata eýe bolan Türkmenistan döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem Garaşsyz döwletiň gadamlary bilen aýakdaş ösüşi ýylsaýyn artýar. Aslynda, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň her bir ulgamynyň ösüşi Garaşsyzlyk düşünjesine kesgitlemedir, onuň aýdyň beýanydyr. Milli bank ulgamynyň işiniň ösüşlerini hem ýurdumyzyň buýsançly taryh sahypalarynda altyn harplar bilen beýan etmek bolar.

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# Milli ykdysadyýetimizde hasaplar ulgamynyň kämilleşdirilmegi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amal edilýän möhüm işler giň gerime eýe bolýar. Häzirki döwürde ýurdumyzyň daşary döwletler bilen ykdysady we syýasy aragatnaşygy ýola goýmakda hem-de ösdürmekde hyzmatdaşygyň sany barha artýar.

Bazar gatnaşyklarynyň hem-de kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň birsyhly üýtgäp durmagy önümçilikdäki we dolandyryşdaky işleriň täze ugurlaryny gözläp tapmagyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Häzirki wagtda döwletleriň ykdysadyýetleriň öňünde durýan wezipeler barha çylşyrymlaşýar, munuň hem özüne ýeterlik sebäpleri bardyr. Ol sebäbler ylmy tehniki pikiriň örän ýokary derejede ösmegi, şol ösüşleri şertlendirýän ýokary tehnologiýa öňegidişikler, şeýle-de adamzat swilizasiýasynyň öňe sürýän täze durmuş ýörelgeleri we mümkinçilikleri, dünýä ösüşinde ileri tutulýan täze ugurlar we ugrukmalar bilen bagly bolup durýar.

Ýurdumyzyň bazar ykdysadyýeti şertlerine geçmegi bilen agzalýan meseleleriň ähmiýeti has-da artýar, munuň özi buhgalterçilik hasaba alnyşyň guralşy, usullary, harajatlaryň buhgalterçilik hasaba alnyşy, önümiň öndürjä düşýän gymmatynyň çäklerini kesgitlemek ýaly ugurlar boýunça düýpli, halkara ülňülerine esaslanan nazary bilimleri ele almagy, şeýle-de bu işleri buhgalterçilik hasaba alnyşynyň gurluşyna, auditorlyk ülňülerine we kärhanalaryň aýratynlyklaryna baglylykda alyp barmak wezipeleriniň zerurlygyny şertlendirýär.

Dolandyryş hasabynda önümiň özüne düşýän hakyky bahasyna kalkulýasiýasynyň düzülşine aýratyn üns berilýär. Häzirki zaman ykdysady şertlerinde, subýekt tarapyndan oňyn çözgütleri kabul etmek üçin netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamak zerurdyr. Munda täjirçilik işini dolandyrmagyň netijeleri dolandyryş işgärleriň maglumatlar bilen üpjün etmegiň derejesine bagly bolup durýar. Şonuň üçin hem dolandyryş hasabynyň usulyýetini kämilleşdirmäge, hususanda öndürilýän önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek üçin çykdajylary tygşytlamaga uly üns berilýär.

Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin önümçilik harajatlarynyň hasabyny guramaklyga ünsi güýçlendirmeli. Ýurdumyzda buhgalterçilik hasabynyň halkara standartlaryna geçirilýän döwründe maliýe hasabyna üns berilip, dolandyryş hasabyny guramaklyk ykdysady subýektleriň özlerine ygtyýar berildi. Şeýlehem bolsa umumy ýolbaşçylyk ýurdumyzyň ygtyýarly edarasynyň wezipesi bolup durýar. Şu maksatlardan ugur alnyp, önümçilik harajatlarynyň hasabyny kämilleşdirmegiň käbir ugurlaryny bellemeli.

Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) «tamamlanmadyk önümçilik» hasabynyň adyny «önümçilik harajatlary» diýilse dogry bolardy, sebäbi «tamamlanmadyk önümçilik» hasaby olar babatynda önümçilik işi geljekki hasabat döwründe tamamlanýan harytlary we hyzmatlary öndürmek boýunça göni we kömekçi harajatlary bir ýere jemlemek üçin niýetlenendir. Bu hasapda diňe bir geljekki hasabat döwründe tamamlanýan harytlary we hyzmatlary öndürmek boýunça harajatlar bir ýere jemlenmän, eýsem hasabat döwründe, onümler boýunça harajatlar hem hasaba alynýar. Şu nukdaýnazardan onuň adynyň takyklanmagy;

b) häzirki döwürde maşynlary we enjamlary saklamak we ulanmak boýunça çykdajylaryň

önümleriň düşýän gymmatynda paýlarynyň artýandygyny göz öňünde tutup, olaryň hasabyny aýratyn 61224300 «maşynlary we enjamlary saklamak we ulanmak boýunça çykdajylar» hasabynda ýöredilse maksada laýyk bolardy. Olaryň hasabyny kärhananyň ýa-da pudak edaralarynyň işläp düzen we tassyklan maddalary boýunça görkezilmegi;

ç) Önümçilik bilen bagly beýleki goşmaça çykdajylary bolsa 61 224 400 «Umumy önümçilik çykdajylary» diýen hasabynda tassyklanan bölümler we maddalar boýunça ýöredilse olara gözegçilik etmek has hem netijeli bolmagy.

Dolandyryş çözgütlerini kabul etmekde önümiň özüne düşýän bahasynyň görkezijisiniň düýpli ähmiýeti bolup, ol şu aşakdakylar bilen şertlendirilendir.

Önümiň özüne düşýän gymmaty, munuň özi edara-kärhanalaryň iş netijeliliginiň indikatorydyr, çünki diňe önümçilik hadysasyny mehanizmler bilen üpjün edip, innowasion tehnologiýalary ornaşdyryp, ähli ykdysady çeşmeler oňyn ulanylan şertlerinde, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselşini gazanyp bolar. Öz nobatynda bolsa, harajatlaryň peselmegi kärhananyň girdejisiniň ýokarlanmagyna hem-de umumy ykdysady durnuklylyga getirýär, bu bolsa bäsdeşlik şertlerinde strategiki artykmaçlyk hem-de durnukly maliýe ýagdaýyň girewi bolup durýar.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda il-günümiziň abadançylygy, milli ykdysadyýetiniň ösdürilmegi ugrunda beýik başlangyçlary alyp barýan mähriban Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bahbitli, döwlet ähmiýetli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Aksoltan AMANMÄMMEDOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we
dolandyryş institutyň talyby

## SELJERIŞ MAKALALARY

# Bank ulgamynda sanly ykdysadyýetiň ösüşi

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi köpugurly esasda ösdürmekde, ýurduň pul-karz syýasatynyň ähmiýetini ýokarlandyrmakda, şol sanda pudaklaryň strategiki wezipelerini ýerine ýetirmekde möhüm ulgamy bolan bank ulgamy çalt depginler bilen ösýän ulgamlaryň birine öwrüldi. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän häzirkizaman şertlerinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň işi barha ýokarlanýar. Munuň esasy sebäbi, bazar gatnaşyklary ilki bilen ähli ykdysady gurallaryň işjenligini talap edýär. Bank işjeňliginiň häzirki döwrüň talabyna laýyk getirilmegi hem milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna sanly tehnologiýalary ornaşdyryp, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti döretmek wezipeleri öňe sürülýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň biri hem ösen tehnologiýalaryny bank işewürligine ornaşdyrmak, döwrebap töleg gurallaryny döretmek arkaly nagt däl hasaplaşyklary has-da kämilleşdirmek bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, bazar gatnaşyklarynda karz edaralary tarapyndan müşderilere hödürlenilýän nagt däl hasaplaşyklar boýunça bank hyzmatlarynyň ähmiýeti hem örän uludyr. Ýagny, bank kartlar arkaly nagt däl hasaplaşyklaryň düýpli ösmegi nagt däl hasaplaşyklar ulgamynda oňyn özgertmeleriň alnyp barylýandygyny subut edýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralarynda nagt däl hasaplaşyklary arkaly pul dolanşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli hem-de halkara töleg ulgamyny giňeltmek babatynda hem giň gerimli işler amala aşyrylýar, mundan başga-da töleg terminallarynyň, «Internet-bank», «Mobil-bank», «Halkbank terminal» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilýän elektron hasaplaşyklaryň möçberi yzygiderli artdyrylýar.

Bank ulgamynda sanly tehnologiýalaryň ösmegi, kompýuter serişdeleriniň ornaşdyrylmagy, pul dolanyşygynda serişdeleriniň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy hem-de hasaplaşyklary geçirmekde çykdajylaryň azalmagy tölegleriň we hasaplaşyklaryň öňdebaryjy usullarynyň kämilleşdirilmegine mümkinçilik berýär. Bu bolsa, bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin daş aralykdan hyzmat etmek üçin niýetlenen iň kämil ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny talap edýär hem-de sanlylaşdyrmanyň biziň durmuşymyza barha işjeň goşulyşýandygy bilen düşündirilýär. Şu nukdaýnazardan, hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek, karz edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, 2021-nji ýylda Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» we «Senagat» paýdarlar täjirçilik banklarynyň täze binalary açylyp ulanylmaga berildi. Şeýle hem Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň üýtgedilip, paýdarlar täjirçilik bankyna öwrülmegi hem ýurdumyzyň karz edaralarynyň has-da netijeli işlemekleri üçin Milli Liderimiziň edýän aladalarynyň subutnamasy bolup durýar.

Sanly ykdysadyýetiň üstünlikli hereket etmegi üçin, esasan, internetiň elýeterliligi, programma üpjünçiligi, kämil telearagatnaşyk ýaly üpjünçilik ulgamynyň, hojalyk işini internet arkaly dolandyrmak boýunça elektron işewürliginiň we harytlaryň, hyzmatlaryň ýerlenilmegini üpjün edýän elektron söwda ýaly ugurlaryň berjaý edilmegi zerur bolup durýar. Elektron enjamlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýän hyzmatlar ulgamy sanly kompýuter tehnologiýalary bilen bagly hereket bolup durýar. Ony özleşdirmek hem öwrenmek, do-

